## Galyndylaryň klassifikatory tassyklandy

2015-nji 23-nji maýynda kabul edilen “Galyndylar hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 15-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda jemagat hojalygy babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarlandyrylan edarasy hem-de saglygy goraýyş we derman senagaty babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarlandyrylan edarasy bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan galyndylaryň klassifikatory işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň hem-de Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministriniň 2024-nji ýylyň 27-nji dekabryndaky 311-Ö belgili bilelikdäki buýrugy bilen tassyklandy.

Galyndylaryň klassifikatory galyndylaryň sanawyny, olary görnüşlerine, aýratynlyklaryna, şeýle hem olaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesine baglylykda howplulyk klaslaryna bölmegiň düzgünlerini kesgitleýär we Türkmenistanyň çäginde galyndylar bilen iş salyşmak çygrynda iş alyp barýan ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan hökmany ulanylmaga degişli bolup durýar.

Galyndylaryň klassifikatory - galyndylaryň ulgamlaşdyrylan sanawy bolup, galyndylary kodlaşdyrmagy we olaryň statistiki hasaba alnyşynyň esasy maglumatlaryny, howply we tehnologik häsiýetnamalaryny özünde jemleýän resminama hasaplanýar.

Galyndylaryň klassifikatory - galyndylar bilen iş salyşmagyň çygrynda, ýagny, galyndylar bilen iş salyşylanda, hasaba alnanda, gözegçilik edilende, galyndylaryň getirilmegi, çykarylmagy we serhetüsti daşalmagy amala aşyrylanda, galyndylary ýerleşdirmek üçin rugsatnamalar berlende, tebigaty goraýyş desgalarynyň taslamalaryny işlenip taýýarlananda, serişdeleýin-maddy töwekgelçilikler hem-de heläkçilikler we betbagtçylyklar ýüze çykanda ýetirilen zyýana baha bermek maksady bilen ulanmaga niýetlenendir.

Klassifikatorda Türkmenistanda dolanyşykda bolýan hem-de klassifikasiýa alamatlary boýunça bir ulgama jemlenen galyndylaryň görnüşleriniň we möçberleriniň sanawy beýan edilýär, ýagny:

1) galyndylaryň gelip çykyşy,

2) galyndylaryň emele geliş şertleri (anyk önümçilige, tehnologiýa degişliligi),

3) galyndylaryň himiki we (ýa-da) komponent düzümi,

4) galyndylaryň agregat ýagdaýy we fiziki görnüşi,

5) galyndylaryň howply aýratynlygy,

6) galyndylaryň daşky gurşawa edýän zyýanly täsiriniň derejesi.

Klassifikator galyndylaryň howpluluk derejesini kesgitlemäge we galyndylary kodlamagy amala aşyrmaga niýetlenendir. Klassifikatorda galyndylaryň degişli görnüşi bolmadyk ýagdaýynda, galyndylaryň howpluluk derejesi we kodlama her bir anyk ýagdaý üçin aýratynlykda esaslandyrylýar. Bu ýagdaýda galyndylaryň daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsiriniň derejesine baglylykda howplulyk klasyna degişli edilmegi hasaplama ýa-da synag usullary arkaly amala aşyrylýar we Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen ylalaşylýar.

Klassifikator geljekde galyndylaryň döwlet sanawyny düzmek üçin esas bolup hyzmat eder.